# Jojak zalym

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Jojak zalym JOJAK ZALYM



Bu zalymyñ otdur asly,
Gargyş aldy, ýokdur nesli,
Örän köpdür mundan kasly,
Guduz açan Jojak zalym.
Möjek kimin ýortup çölde,
Mydam gezdi ýaman pälde,
Argyşçyny talap ýolda,
Guduz açan Jojak zalym.

Tüññi mañlaý, burny ýasy,
Garyp talar, adam pisi,
Bog-da öldür, ol näkesi,
Guduz açan Jojak zalym.

Doñuz sypat, gyşyk kelle,
Är ýigitler köpdür ilde,
Meýdiñ çüýräp galsyn ýolda,
Guduz açan Jojak zalym.

Sebäpkäri jahyl Babyr,
Tüpeñledi gördük jebir,
Gohuñ gola salyp gowur,
Ahyr öldüñ Jojak zalym.

Ussa Käsip sözüm eşde,
Sapak bolup ýedi pyşda,
Gabyrdanam galdy daşda,
Guduz açan Jojak zalym.

Ussa KÄSIP,
takmynan XIX asyryñ ahyrynda, XX asyryñ başynda ýaşan şahyr.
Goşgular